THE ASHGABAT TIMES

# TALYPLAR ÜÇIN INTERNETI HOWPSUZ ULANMAK ÜÇIN 10 SANY MASLAHAT

Biziň hemmämiz internet giňişligini howpsuz ulanmak üçin ýönekeý kadalaryň bardygyny bilýäris, ýöne olaryň bir ýere jemlemek üçin pikirlinmek gerekdir.   Awstarliýanyň Federal Polisiýasy (AFP, Australian Federal Police) habardarlyk derejesini ýokarlandyrmak we aýdyn ulanmak üçin şeýle kadalaryň 10 sanysy düzmekçi boldy. Mysal üçin, eger-de siz mugallym bolsaňyz we çaga ýa-da talyba internety howpsuz ulanmagyň esaslaryny elýeter düşündirjek bolsa, onda bu 10 kada ýerli bolar diýip hasaplaýarys.

1. Ygtybarly parol ulanyň – setir we uly harplary, sanlary we başga belgileri utgaşdyryň.
2. Ähli okaýan zatlaryňyza ynanmaň-hemişe maglumat çeşmesiniň hakykatlygyny barlaň.
3. Internetde özüňiz, maşgala agzalaryňyz, dostlaryňyz we tanyşlaryňyz  barada şahsy maglumatlary ýerleşdirmäň.
4. Maglumatlary ýaýratmakdan öň iki sapar pikirleniň. Edil durmuşdaky ýaly aýtýan zadyňyzyň nähili netijä getirjekdigini pikirleniň.
5. Kompýuteriň ekranynyň anonimligi bilen gizlenjek bolmaň. Adamyň ýüzüne aýdyp bilmejek zadyňyzy ýazmaň.
6. Internetde bikanun ýa-da gelşiksiz mazmunly zatlary ýaýratmaň.
7. Köpçülikleýin ulgamda siziň profiliňiziň başgalardan ýapykdygyna göz ýetiriň (howpsuzlygy barlaň).
8. “Dostlaryň hataryna” diňe öz tanaýanlaryňyzy goşuň- olar siziň dostlaryňyzyň dostlary bolsa hem ýöne siz olary tanamaýan bolsaňyz, onda ýene bir gezek ätiýaçly bolmak artykmaçlyk etmez.
9. Siziň dostlaryňyz siziň suratyňyzy ýerleşdirjek/siziň suratyňyzy köpçülikleýin ulgamda bellejek bolsalar hökman sizden soramalydyrlar. Olara şulary aýtmaga çekinmäň!
10. Imeýl habarnamalara birikdirilen salgylanmalara edil şol wagt geçmäň-brauzeriň setirine salgyny özüňiz ýazyň.

**Söýünaly EMIROW**
**Türkmen döwlet binagärlik – gurluşyk**
**institutynyň talyby**

Все права защищены

22.11.2024